# Kyrk ýaşa ýüzlenme

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kyrk ýaşa ýüzlenme KYRK ÝAŞA ÝÜZLENME




Çüňküň almazdandyr, dyrnaklaň aran,
Ganatlaryň çeýe, polat şuňkarym.
Alaw gözleriňi aňk bolar gören,
Hünärine ezber-belet şuňkarym.
Edil häzir seniň dokuzyň doly,
Gujuryň-gaýratyň saklajak sili,
Asmandan taşlanan tokga daş ýaly,
Inni gel, awuňy kül et şuňkarym.

Sypdyrma tilkini, küren tapmasyn,
Hüşgär bol, al salyp gözüň gapmasyn,
Güýjüňe bäs gelmän ýagşyň çatmasyn,
Ýykaýdygyň saňa nälet şuňkarym.

Awuňy sypdyrsaň durkuň ýas tutar,
Ertir giç, gojalyk yzyňdan ýeter,
Ýagşy zat bolarmy alkyşdan beter,

Eliñde, ömrüñi gül et şuñkarym.

Amandurdy JANMYRADOW. Goşgular